# Iki ölümiň soňy. (Ybratlyk)

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Okuwymyň ilkinji ýyllarynda maşgalam bilen ýaşaýardym. Agzybir maşgalamyz bardy. Hemişe ejemiň doga-dileglerini eşiderdim. Kakamyň namazda uzyn okaýan kuranlaryny diňlärdim. Namazy uzyn okaýyşyna geň galýardym. Ukyň iň süýji wagtlary gyş gijelerinde kakamyň tehejjut namazyny okaýşyna haýran galardym.

Öz-özüme: Bu nähili sabyr her gije beýle ybadat, geň zat. Men ol wagtlar bir musulman üçin iň haýyrly namazyň gije namazydygyny bilmeýärdim. Olar Allaha doga-dileg etmek üçin düşeklerinden turardylar.

Aradan ep-esli wagt geçdi, men ulaldym. Maňa edilen ençeme nesihatlara garamazdan Yslama bolan uzaklygym hem köpelipdi.

Okuwy gutaranymdan soňra, iş wezipäm boýunça başga şähere gitmeli boldum. Täze tanyşan dostlarymyň, işdeşlerimiň saýasynda azda-kände täze şähere öwrenişmegim ýeňledi.

Ene-atamyň ýanynda eşidýän Kuran seslerim, ejemiň namaza tur oglym diýip, meni namaza çagyran sesleri kesilipdi. Öňden öwrenşen maşgala durmuşym uzakda galdy we men ýeke ýaşamaga başladym.

Iş wezipäm şäheriň töwereginiň, ýollarynyň gözegçiligi, ýolda galan ulaglara we ulag heläkçiligine uçranlara gerek bolan kömegi etmekdi. Täze işim, gowy gazanjym bardy, işimi gowy görýärdim.

Emma muňa garamazdan boş wagtyň köplügi we ylymymyň azlygy mende her hili ýaramaz duýgular döredýärdi.

Ýüregim gysyp başlady. Maňa dinimi ýatlatjak, öwretjek hiç kim ýokdy.

Ulag heläkçilikleri, ýaralylar işimde köplenç görýän zatlarymdy.....Emma ol gün öňkilerinden parhly boldy......

Işdeşim bilen ol gün ýola gözegçilik edip, aýlanyp ýördük. Ondan-mundan gürrüň edip barýarkak birden güýçl çaknyşma sesi eşidildi.

Görsek garşydan gelen ulag beýleki ulag bilen pete-pet çaknyşypdyr..... Ulagdakylara kömek etmek üçin derrew ol tarapa haýdadyk.....

Dil bilen düşündirip bolmajak derejede aýylganç ulag heläkçiligidi. Ulagdakylary çykaryp ýere ýatyrdyk. Ikinji ulagyň sürüjisini hem çaltlyk bilen ulagdan çykardyk. Gelenimizde ol eýýäm ölüdi. Derrew beýleki ulagdaky iki kişä ýöneldik. Olar hem jan berjek bolup iňilleşip ýatyrdylar.

Işdeşim olara kelimeýi-şahadat getiritjek bolup jan edýärdi: Lä ilähe illallah, lä ilähe illallah diýiň, diýýärdi.

Birden olar aýdyma hiňlenmäge başladylar. Bu ýagdaýy görüp haýran galyp, doňup galdym.

Işdeşim maňa görä bu zatlarda has tejribeli bolansoň, ölüm ýagdaýyny gowy bilýärdi we olara gaýtadan kelimeýi-şahadat aýtdyrmaga çalyşýardy.

Men bolsa, şol durşuma doňup galypdym. Çünki ömrümde birinji gezek beýle ýagdaýy görýärdim. Hatda mundan öň edil bu ýagdaýdaky jan çykyşyny gören ýerimem ýokdy. Işdeşim olara kelimeýi-şahadaty aýtdyrmaga çalyşdygyça, olar aýdym aýtmaga dowam edýärdiler. Emma hiç haýry ýokdy.

Aýdym sesleri peselip başlady. Ýuwaşady-hasam ýuwaşady. Biri dymdy, yzyndan ikinjisem dymdy. Hereketleri durdy. Öldüler....

Olary ulaga ýükledik. Ikimizdenem ses çykanokdy. Bu ýagdaýda biz ep-esli aralygy geçdik. Bu sessizligi işdeşimiň ses bozdy. Maňa bir ölüm wakasyny we soňuň erbet gutarmagy baradaky ýagdaýy gürrüň berdi. Ynsanyň soňy ýa haýyrdyr ýa şerdir. Köplenç adam durmuşynda näme eden bolsa, soňam şoň bilen gutarýar diýdi. Maňa dini kitaplardaky käbir zatlary aýdyp berip: Bir kişiniň durmuşy nähili bolsa, soňam şol boljakdygyny barada aýdyp berdi.

Hassahana ýetýänçäk ölümden we ölülerden gürrüň edip gitdik. Ýanymyzdaky äkidip barýan ölülerimiz hem ölüm baradaky gürrüňleri göz öňümize janly edip getirip durdy.

Bu wakadan soňra ölümden gorkupdym we bu waka maňa uly ders boldy. Ol gije namaz okadym.

Wagtyň geçmegi bilen bu wakany unutdym.

Ýene öňki ýagdaýyma dönüp başladym. Göýä ol iki kişini görmedik ýaly bolup galdym. Emma şuda bir hakykat ol wakadan soňra aýdym-sazy halaman başladym, öňkim ýaly aýdym-saza bolan höwesim ýokdy. Bu ýagdaý şol öljek bolup duran iki kişiniň aýdym aýdyşy bilen baglydy.

Geň-taň günlerdi.

Bu wakadan alty aý soňra başga bir geň waka bolup geçdi. Ýoldan gidip barýan bir ulagyň tekerinde näsazlyk ýüze çykýar. Sürüji ulagy durdyryp, tekeri söküp ulagyň arka tarapyndaky abat tekeri aljak bolup durka, arkadan batly gelen başga bir ulag ony kakyp geçýär. Ol agyr ýaralanyp, ýykylýar.
Men we işdeşim heläkçiligiň bolan ýerine geldik, ýaralyny ulaga ýükledik we bizi garşylarlar ýaly hassahana jan edip, habar berdik.
Ýaraly: daş sypatyndan dindarlygy görünip duran ýaş ýigitdi. Ony ulaga mündirip durkak birzatlar pyşyrdaýardy. Emma gyssagly ýagdaýda ony ulaga mündirjek bolanymyz üçin näme diýýänine üns bermändik. Haçanda ony ulaga mündirip gidip ugranymyzda, sesi gowy eşdilip başlady. Ol mylaýym ses bilen Kuran-Kerim okaýardy. SubhanAllah sesinden ýaraly diýer ýaly däldi.
Hemme ýeri gyzyl-gandy, süňkleri döwüm-döwümdi. Ölüm düşeginde ýatanlygy belli bolup durdy.
Owadan we heňli edip Kuran-Kerim okamaga dowam etdi. Bunyň ýaly owadan sesli Kuran okalyşyny öň eşitmändim. Öz-özüme şeýle diýdim: Geçen wakalarda işdeşimiň edişi ýaly oňa Kelimeýi-şahadat getirtsemmikäm diýip pikirlendim. Tejribäm bardy. Işdeşim we men bu owadan Kuran okaýyşyny diňlemek üçin gulak gabardyp barýardyk. Bütin endamymda we döşümde bir titreme duýdym. Birden ses kesildi. Arkama seredip görsem....Yşarat barmagyny göterip şaýatlyk getirýärdi.
Birden kellesi öňe agyp gitdi, derrew ýanyna geçdim. Elini tutdym....Ýürek urşy...Demi....
Hiç zat ýok. Jany çykypdy.
Gözümden damja ýaşyň gelenini bilmän galdym. Göz ýaşymyda işdeşimden gizledim. Öňe geçip onuň wepat edendigini aýtdym. Işdeşim göz ýaşyna bogulyp aglap başlady. Men bolsa birden hynçgyryp aglamaga başladym. Göz ýaşlarymy saklap bilmedim.
Hassahana geldik.
Bizi garşylanlara bu ýagdaýy gürrüň berdik. Köpüsi bu ölümden täsirlenip göz ýaşlaryny tutyp bilmediler. Hassahanadaky bir adam onuň wakasyny eşidip, onuň alnyndan öpdi.
Jynazasynyň haçan boljagyny bilmän gitmäliň diýdik. Hassahanaň işgärlerinden biri onuň öýüne jaň etdi. Telefony alan onuň doganydy. Aýtmagyna görä: (Iki günde bir obada ýaşaýan enesiniň ýanyna gidermiş. Obadaky dullara, ýetimlere, garrylara aýlanyp çykarmyş. Ol oba halky ony gowy tanaýar ekenler. Çünki olara dini kitaplar we wagyzlar getirip berýän eken. Oba her gezek gidende ulagyny un, şeker hatda çagalara paýlamak üçin süýjü-köke almagy hem unutmaz eken. Oňa ýol uzak diýip, alyp galjak bolýanlara: Men ýolda Kuran okap, wagyz diňläp ýolyň uzaklygyndan peýdalanýan we her adimimde Allaha ýakynlaşýan diýip, jogap berer eken.)
Ertesi gün metjidi jynaza namaz okajaklar doldurdy. Uly jemagat bolup jynaza namazyny kyldyk. Jynazadan soňra ony mazarystanlyga alyp geldik we dar çukura saldyk.
Ýüzüni kybla tarap öwürdik.
Bismilläh diýip, üstüne toprak sepmäge başladyk.
Ol ahyrýediň ilkinji güni bilen tanyşýardy emma men....Göýä dünýäde ilkinji günümdi. Öňki bolup ýörşüme lagnat etdim.
Allah Tagala meni eden işlerim üçin bagyşlar diýip, meniň aýaklarymy dogry ýolda berkidip, soňumy haýyr eder...diýip, umyt edýän...
Meniň we ähli musulman doganlarymyň gabryny jennet bakçalaryndan bir bakça eder diýip, dileýän....
Allah Tagala aýatda: كُلُّ نَفْسٍ ذَائِقَةُ الْمَوْتِ وَإِنَّمَا تُوَفَّوْنَ أُجُورَكُمْ يَوْمَ الْقِيَامَةِ
**“Her bir janly ölümi datjakdyr. Kyýamat gününde bolsa, eden işleriňiziň jezasy size doly beriljekdir”** diýýär. (Ali-Imran 3/185)